*6-njy tema*: **Türkmen Türkçesinde cümlenin asıl ögeleri** (Türkmen dilinde sözlemiň baş agzalary)

**Dersiň maksady:**

- ✓ talyplara türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik gurluş aýratynlyklaryny öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen diliniň sözlük hazynasyny we semantik aýratynlyklary öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen dilinde dürli temelar boýunça öz pikirlerini yzygiderli, logiki taýdan dogry beýan etmekligi öwretmek,
- ✓ talyplara türkmen diliniň dürs ýazuw düzgünlerini öwretmek;
- ✓ olara orfografik taýdan ýalňyşsyz beýan etmegiň tärlerini öwretmek;
- ✓ talyplaryň türkmen dilinde sözleýiş medeniýetini we ýazuw endiklerini hem-de başarnyklaryny ösdürmek;
- ✓ dersde türkmen dilini we edebiýatyny oňat öwretmek üçin talyplaryň özara işjeňligini ýola goýmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýat sapaklarynda tehniki serişdelerden peýdalanmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýaty dersleriniň üsti bilen talyplarda watansöýüjiligi, zähmetsöýerligi, agzybirligi, ahlaklylygy, ynsaplylygy, türkmen milli we dünýä gymmatlyklaryna buýsanç, gözellige söýgi duýgularyny terbiýelemek.

**Dersiň wezipeleri:**

- talyplaryň türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik başarnyklaryny ösdürmek;
- talyplaryň sözleýiş dilini kämilleşdirmek;
- talyplaryň ýazuw we hatdatlyk endiklerini ösdürmek,
- talyplaryň sözlük üstünde özbaşdak işlerini kämilleşdirmek
- talyplaryň okama we düşünme ukyplaryny ösdürmek;
- talyplaryň gürrüň berme we ýazyp beýanetme endiklerini kämilleşdirmek;
- söz öwrenme endiklerini artdyrmak;
- terjime etme ukyplaryny ösdürmek…

**Dersiň görnüşi:**

- dilden düşündirme;
- ýazuwdan beýanetme;
- sorag-jogap arkaly berkitme;
- shemaly we tablisaly düşündirme;
- tehniki serişdeler arkaly düşündirme;
- ýumşuň kömegi bilen geçileni gaýtalama…
- öý işi tabşyrma…

**Dersiň ýörelgeleri:**

- türkmen filologiýasy baradaky bilimiň mazmuny bilen onuň beýan edilişinin bitewiligini gazanmak,
- türkmen diliniň beýleki dersler we durmuş bilen baglanyşygyny üpjün etmek;

- edeplilik, dogry sözlülik, ynsanperwerlik, yzygiderlilik, sylag-hormat we ýaş aýratynlyklara dogry gelmek.
- ders we durmuş, teoriýa we praktika gatnaşygy esasynda olaryň özara baglanyşygyny üpjün etmek…

**Dersiň usullary:**

- talyplaryň özbaşdak işleri we ýumuşlary barlag etmek;
- **ACTIV Studio** we **Power Point** maksatnamalaryndan peýdalanmak,
- türkmen filologiýasy boýunça öwredilýän temanyň prezentasiýasyny geçirmek,
- diliň grammatik kategoriýalary bilen baglanyşykly kynçylyklarda **„akylly sagady”, “akylly kompasy” “akylly şejeräni“** kömege çagyrmak,
- talyplaryň arasynda özara pikirlenme minutlaryny geçirmek;
- talyplaryň logiki yzygiderliligine, subut edijiligine ünsi güýçlendirmek;
- Dersde düşnükliligi we aýdyňlygy üpjün etmek...

**Dersiň görkezme esbaplary:**

- okuw kitaplary,
- gepleşik gollanmalary,
- ýazdyrylan ylmy çeşmeler,
- usuly gollanmalar,
- ses ýazgylary,
- degişli suratlar,
- tablisalar, çyzgylar,
- sözlükler,
- metbugat maglumatlary.

## BAŞ AGZALAR BARADA UMUMY MAGLUMAT

Biziň gepleşigimiz aýry-aýry özbaşdak sözlemlerin baglanyşmagyndan emele gelýär. Sözlemler bolsa sintaktik taýdan özara baglanyşan sözlerden düzülýärler.

Sözlemi emele getirmäge, düzmäge gatnaşýan sözlere *sözlem agzalary* diýilýär.

Sözlem agzalary hem, sintaktik taýdan ýerine ýetirýän hyzmatlaryna görä iki topara bölünýärler. Ony aşakdaky ýaly shemada görkezmek bolar.




Baş agzalar sözlemde esasy pikiri aňladýarlar.

Meselem: **Ol** kän sözlegiç däldi (Ç.Aşyrow «Ganly saka»). Biziň üçin **sen** bir äpet gaýadyň (M. Seýidow « Bäş okean»). Uzakdan motosikliň **sesi** eşidildi (B.Hudaýnazarow «Yzçynyň gözleri»)

Ýokardaky mysallarda has gara ýazylan sözler sözlemin baş agzalarydyr. Sözlemiň aýyklaýjy agzalary sözlemiň baş agzalarynyň haýsy-da bolsa birine ýa-da özara bir-birlerine baglanýarlar. Aýyklaýjy

agzalar baglanýan sözlerini aýyklaýarlar, olar dogrusynda belli bir soraga jogap bolýarlar.

Meselem:

**Olaryň** miwesi ýok (B.Hudaýnazarow «Yzçynyň gözleri»). Bibi **gahar** bilen bir ädim ätdi (M.Seýidow «Bäşinji okean»). **Atlylaryň birinden** ses çykanok (Ç.Aşyrow «Ganly saka»).

Bu mysallarda bolsa has gara ýazylan sözler sözlemin aýyklaýjy agzalarydyr. Sözlemiň baş agzalary sözlemde ýerine ýetirýän sintaktik hyzmatlaryna görä, eýe we habar diýen iki topara bölünýärler.

## EÝE

Sözlemde özi dogrusynda sözlenip, *kim?, näme?, nire?, näçe?* diýen soraglara jogap bolýan we habar tarapyndan aýyklanýan söze *eýe* diýilýär.

Eýäniň düşündirişindäki häsiýetli aýratynlygy aşakdaky ýalydyr:

- ✓ **Özi dogrusynda sözlenilmeli**
- ✓ **Kim? soragyna jogap bolmaly**
- ✓ **Näme? soragyna jogap bolmaly**
- ✓ **Nire? soragyna jogap bolmaly**
- ✓ **Näçe? soragyna jogap bolmaly**
- ✓ **Habar tarapyndan aýyklanmaly**

Eýe diňe baş düşümde gelip bilýär.

Meselem:

1. **Myhman (kim?)** atańdan uly (nakyl).
2. **Gün (näme?)** guşluga galdy (B.Hudaýnazarow «Akar suwuň aýdymy»).

## СӨЗЛЕМИҢ БАШ АГЗАЛАРЫ.

§ 5 Эе.

Сөзлемде өзи догрысында сөзленип, *ким* я *нәме* диен сораглара жогап берйән ве хабар тарапындан айыкланян сөзе эе дийилйәр.

**Alnan ýeri: [P. Azymow, H. Baýlyýew. Sintaksis. 1941:13]**

1941-nji ýyldaky “Sintaksis” kitabynda sözlemiň baş agzalaryndan biri bolan eýä ýokdaky düşündiriş berlipdir. Onuň häsiýetli aýratynlygy aşakdaky ýalydyr:

- ✓ **Özi dogrusynda sözlenilmeli**
- ✓ **Kim? soraglara jogap bolmaly**
- ✓ **Näme? soraglara jogap bolmaly**
- ✓ **Habar tarapyndan aýyklanmaly**

Ýokardakydan tapawudy diňe iki soragyň (kim? we näme?) bolmagydyr. Ýokarda “nire?”, “näçe?” diýen soraglar hem girizilipdir.

### Eýäniň sintaktik derňew edilişi:

I. Sozlemde eýäni tapmak

II. Eýäniň gurluşy:

1) sada eýe;

2) goşma eýe.

III. Eýäniň haýsy söz toparlaryndan ýasalandygyny ýüze çykarmak.

IV. Eýäniň sözlemdäki hyzmaty.

Sözlemiň ikinji we iň esasy agzasy habar hakynda irki döwrüň kitaplarynda şeýle düşündiriş berilýär:

§ 6. Хабар.

Көпленч сөзлемиң соңында гелип, эе догрысында бир зады хабар берйән сөзе хабар дийилйәр. Хабар эйәниң нәме иш эдйәндигини, эйә дегишли нәме иш эдилйәндигини, эйәниң ненеңсидигини, ким я нәмедигини, нәчедигини, тертип тайындан нәченҗидигини, эйәниң орныны, нәмеден эдилендигини ве ш. м. гөркезйәр.

**Alnan ýeri: [P. Azymow, H. Baýlyýew. Sintaksis. 1941:20]**

## § 14. HABAR

Eýe dogrusynda bir zady habar berýän, eýe baradaky pikiri gutaran görnüşe getirýän söze *habar* diýilýär. Habar eýäniň näme iş edýändigini, eýä degişli näme iş edilýändigini, eýäniň neneňsidigini, kim ýa nämedigini, tertip taýyndan näçenjidigini, nirededigini, eýäniň ornuny, nameden edilendigini we ş.m. görkezýär.

Meselem:
1.Bibiniň kakasy çopan.
2. Jereniň köýnegi ýaşyl.
3.Biz bu ýyl hem birinji.
4.Ol goşgyny labyzly okaýar.

Ýokarda berlen sözlemleriň birinjisinde habar eýäniň näme iş edýändigini, ikinjisinde sypatyny, üçünjisinde ornuny, dördünjisinde bolsa hereketi aňladyp geldi.

Işligiň buýruk, zaman şekilleri, işlikleriň ýöňkeme goşulmalary, kem işlikleri (habarlyk goşulmalary) habar aňlatmagyň morfologik serişdesidir.

Habaryň düzümindäki degişlilik bildirýän ýöňkeme goşulmasy sözlemde getirilmedik (sözlemiň daşyndaky) eýäni hem aňladyp bilýär. Bu jähtden ol iň esasy baş agzadyr.

Mysal ücin, “1.Okadym. 2. Kitaby aldyňyz” sözlemlerinde eýe getirilmedik bolsa-da, habaryň degişlilik aňladyşyndan birinji sözlemiň eýesiniň men, ikinjisiniň eýesiniň siz sözüdigi belli bolýar.